**AŞGABAT, Türkmenistan, 27-nji mart, 2026-njy ýyl** – Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasynyň (UNFPA) Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa boýunça Sebitleýin direktory hanym Florens Bauer 2026-njy ýylyň 25-27-nji marty aralygynda Türkmenistanda iş saparynda boldy. Bu sapar gender deňligini ilerletmek we gender zorlugyna garşy göreşmekde kanunçylyk binýadyny pugtalandyrmaga gönükdirilen Parlamentara dialogynyň çäklerinde guraldy.



Saparyň dowamynda hanym Bauer Parlamentara dialogynyň açylyş dabarasynda çykyş edip, halkara adam hukuklary şertnamalaryny aýal-gyzlary zorlugyň ähli görnüşlerinden goraýan anyk milli kanunçylyk gurallaryna geçirmekde parlamentarileriň möhüm ornuny belledi. Ol diňe bir halkara resminamalaryny tassyklamak bilen çäklenmän, eýsem işjeň parlament gözegçiligini we hasabatlylygy ýola goýmagyň her bir aýalyň we ýaş adamyň hukuklarynyň hem-de saglygynyň üpjün edilmegi üçin zerurdygyny nygtady.

“Gender deňligini öňe sürmek diňe bir durmuş borjy we adam hukuklaryna ygrarlylyk däl-de, eýsem hemmeler üçin elýeterli, durnukly we agzybir jemgyýeti gurmagyň esasy şertidir” diýip, hanym Florens Bauer açylyş dabarasynda aýtdy.

Saparyň dowamynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň saglygy goraýyş, ylym, bilim, sport, ýaşlar we durmuş meseleleri boýunça orunbasary jenap Batyr Mammedow bilen, şeýle-de Daşary işler ministriniň orunbasary hanym Mähri Bäşimowa

Все права защищены

save pdf date >>> 08.05.2026

bilen duşuşyk geçirildi. Duşuşyklarda UNFPA-nyň 2026-2030-njy ýyllar üçin Ýurt boýunça maksatnamasyny durmuşa geçirmek, ilatyň abadançylygy ugrunda strategik hyzmatdaşlygy dowam etdirmek arkaly milli ileri tutulýan ugurlary amala aşyrmak barada maslahatlaşyldy.

Mundan başga-da, hanym Bauer Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkeziniň ginekologiýa bölümine baryp gördi. Ol ýerde parlament agzalary bilen bilelikde jynsy zorluga sezewar bolan aýal-gyzlara kömek bermek üçin täze açylan merkezde saglygy goraýyş işgärleri bilen gürrüňdeş boldy. Şeýle merkezler welaýatlarda bellenen ýerlerde hem döredilýär.

Все права защищены